# Edebi ýañsylamalar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Edebi ýañsylamalar EDEBI ÝAÑSYLAMALAR

- **BIR BAKYŞDA**

*Bir bakyşda bendi etdiñ gyz, niçik*
*Gözleriñde beýle gudrat barmy ýa?*
***(T.Sadykow. «Seniñ hatlaryñ»).***

- GARA GÖZLI GYZA

*Bir bakyşda bent eýledi gözleriñ,*
*Gözleriñde aýry jady barmy ýa?*
***(A.Atabaýew. «Çuñluk»).***

Bir bakyşda şahyrlary bent eden
Eý, näzenin, sen neneñsi hüýr-melek?
Iki söýgä bada jogap tapaýmak
Saña-da añsad-a düşmese gerek!

Her niçigem bolsa, dilden gözel gyz,
Görýäñ ýaşlaram-a barýar ortalap.
Neneñ ynanmajak «bendileriñe»
Bir bakyşda yşka düşüşlerini
Mälim etse bilelikde gaýtalap.

- **BOLMAJAK BOLSA**

*Bolmaz bolmajak bolsa,*
*Bolmajak bolsa bolmaz.*
*Boljak-boljak bor ýogsa*
*Bolmajak bolsa bolmaz.*
***(B.Gökleñow. «Ýaşlaryñ sesi»).***

Bolmaz bolmajak bsa
Bolmajak bolsa bolmaz.

Boldurjak bolsañ bolar
Boldurmajakmy, bolmaz.

Men-ä şeýdip boldurýan,
Goý, bolmasyn bolmasa.
Körpejeler hiç weli,
Bor refactoring oñlasa.

Gurbanmämmet SÖÝÜNJOW. Goşgular